# Golliwuda garşylyklaýyn alymlaryň ahyrzamany

Category: Geň-taňsy wakalar,Haýwanat dünýäsi,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Golliwuda garşylyklaýyn alymlaryň ahyrzamany GOLLIWUDA GARŞYLYKLAÝYN ALYMLARYŇ AHYRZAMANY




*«Bir gün ahyrzaman bolar.»*
***Magtymguly Pyragy***
«Dünýäniň togtan güni», «Maýmynlar saýýarasy», «Ertirden soň», «Dünýä. Täze başlangyç» we ýene nijemeleri…
Häzire çenli Golliwudyň çeper filmlerinden kyýamat güni barada düşürilen birnäçe kinofilme tomaşa etdik. Käbirinde dünýäni suw basdy. Käbirinde dünýä kartasyny üýtgedip taşlan ýer titremeleri bolup geçdi. Käsinde dünýäni basyp almaga synanyşan bet pygylly saýry dünýälilere garşy söweşdik. Käbirinde dowzahyň şu dünýäde gurulşyna şaýatlyk etdik. Emma bularyň barsy çeper-fantastikanyň önümidi.
Şindiki gezek hakyky boljak zatlarda. Köpçülikleýin ýokanç kesellerden başlap robot gozgalaňlaryna çenli alymlaryň kinofilm senariýalardan has gorkunç ahyrzaman çaklamalaryny okamaga taýýar boluň:

**1. Global maýlama**

Alymlaryň aýtmagyna görä, dünýäniň ýüzbe-ýüz boljak iň gorkunç sahnasy yklymara üýtgeşmeler bolsa gerek. Yklymara üýtgeşmeler buzluklaryň eremegine, deňiz derejesiniň ýokarlanmagyna,

tüweleýlere, suw joşgunlaryna-sillere, gurakçylyga sebäp bolup biler. Bu üýtgeşmeler bolanda ösümlik we haýwanat dünýäsinden ýitip ýok bolup gitjek zatlar kän bolar. Gytçylyk, guraklyk we ekosistemanyñ çöküşi siziñ pikiriñizçe-de howpurgadyjy gerek?

## 2. Meteorit

Ahyrzaman kinofilmlerine tomaşa eden bolsañyz, hökman meteorit ýagyşlaryna duş gelensiñiz ýa-da Ýer togalagyna uruljak bolup duran harsañ gaýany saklamaga synanyşýan ýörite topara oturan ýeriñizden «akyl satan» pursatyñyz bolandyr. Şindi ykjam duruñ. Çünki alymlaram gaýyp gelen bir asman jisiminiñ dünýäni ýok edip biljegini aýdýar.

## 3. Köpçülikleýin ýokanç keseller

“Global epidemiýa (pandemiýa -t.b.) howpy hakykatdyr”
Žosef Miller (Prentice Hall, 2010).

Her ýyl bir epidemiýa dünýäni gowurdak edip taşlaýar: SARS, guş dümewi we iñ soñkusy Saud Arabystanda Geň-taňsy wakalar